TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DÖWLETIMIZIŇ GAZANÝAN ÜSTÜNLIKLERINDE YLMYŇ GOŞANDY ULUDYR.
ÝURDUMYZYŇ KUWWATLY ÖSÜŞI KÖP BABATDA ÇUŇŇUR YLYMLY-BILIMLI ÝAŞLARYMYZA
HEM-DE OLARYŇ ALYP BARÝAN NETIJELI IŞLERINE BAGLYDYR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
14-nji iýun, 2024. Belgisi 24/1590




# TÜRKMEN-KOREÝ HYZMATDAŞLYGY TÄZE DEREJÄ ÇYKÝAR

***10-njy iýunda Koreýa Respublikasynyň Prezidentiniň Türkmenistana iki günlük döwlet saparynyň çäklerinde Prezidentler Serdar Berdimuhamedowyň we Ýun Sok Ýoluň arasynda ýokary derejedäki gepleşikler geçirildi.***

Işjeň ýagdaýda geçen gepleşikleriň dowamynda iki döwletiň Baştutanlary döwletara gatnaşyklaryň meseleleriniň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar we häzirki döwrüň ýagdaýlaryny, uzak möhletli geljegi nazara almak bilen, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny anyklaşdyrdylar. Söhbetdeşler Türkmenistanyň we Koreýa Respublikasynyň giň möçberli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydyklaryny tassyklap, söwda-ykdysady, ulag, energetika ulgamlaryny, ýokary tehnologiýalary we beýleki ençeme pudaklary ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezdiler. Taraplar däp bolan ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmagyň ähmiýeti barada aýdyp, bilim, ylym, saglygy goraýyş, medeniýet, syýahatçylyk we sport boýunça netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigini nygtadylar. Duşuşygyň dowamynda taraplar sebit we halkara syýasatyň özara gyzyklanma bildirilýän derwaýys meseleleriniň birnäçesi boýunça pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler «Soltan Sanjar» zalynda iki ýurduň resmi wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Biziň ýurtlarymyz söwda-ykdysady ulgamda ygtybarly hyzmatdaşlardyr. Biz Koreýa Respublikasynyň mümkinçiliklerini, ykdysady, tehnologik derejesini oňat bilýäris. Türkmenistan hem uly mümkinçiliklere, tebigy baýlyklara, geoykdysady artykmaçlyklara eýe bolan kuwwatly döwletdir. Biziň maksadymyz bu mümkinçilikleri iki döwletiň ösmeginiň, halklarymyzyň abadançylygynyň we gülläp ösmeginiň bähbidine utgaşdyrmak bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we koreýaly hyzmatdaşlary bu ugurda bilelikde işlemäge çagyrdy.

2008-nji ýylda ýurtlarymyzyň arasynda Söwda, ykdysady, ylmy we tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-koreý topary döredildi we häzirki wagtda-da hereket edýär. Şeýle hem 2019-njy ýylyň oktýabrynda «Türkmenistan–Koreýa» işewürler geňeşi döredildi. Maýa goýum hyzmatdaşlygy ösdürilýär. Bilelikde iri taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy. Şolaryň hatarynda «Galkynyş» gaz käninde kükürt arassalaýan zawod hem bar. Bu zawod konsorsiumyň düzüminde koreý korporasiýalarynyň gatnaşmagynda guruldy. Biz iri koreý kompaniýalarynyň Türkmenistanda alyp barýan işini goldaýarys diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we maýa goýum hyzmatdaşlygynyň iki tarap üçin hem bähbitli bolmalydygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk meselesine degip geçip, gürrüňiň häzirki döwürde Aziýa–Ýuwaş umman sebitinden Ýewropa, Ýakyn we Orta Gündogara yklymüsti üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek barada barýandygyny belledi. Türkmenistanda ol «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek strategiýasy» diýlip atlandyrylýar.

Türkmenistanda şäherleriň täze keşbini döretmekde Koreýa Respublikasy bilen hyzmatdaşlygyň uly mümkinçilikleriniň bardygyna aýratyn üns çekildi.

Howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak bilen bagly meseleleri çözmek boýunça hyzmatdaşlykda uly mümkinçilikleri görýäris. Biziň ýurdumyz howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ulgamynda halkara başlangyçlary durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, koreý tarapy bilen metanyň howa zyňylmagyny azaltmak babatda hyzmatdaşlyk etmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga taýýarlyk beýan edildi. Maglumat tehnologiýalary we emeli aň, telekommunikasiýa, kosmos ulgamlarynda bilelikde işlemek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Türkmenistan we Koreýa Respublikasy bir bitewi medeni giňişlige degişlidir. Ýurtlarymyzyň halklary dünýägaraýşy, medeniýeti, edebi ýörelgeleri boýunça biri-birine ýakyndyr. Bu bolsa medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmäge oňat esaslary döredýär diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Ylym we bilim hem hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Saglygy goraýyş we lukmançylyk hyzmatdaşlygy hem uly orna eýedir diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we iki ýurduň iri lukmançylyk merkezleriniň, uniwersitetleriniň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmagyň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz sport ulgamynda-da hyzmatdaşlygyň uly mümkinçilikleriniň bardygyna ünsi çekip, koreý türgenlerini geljekki döwürde ýurdumyzda geçiriljek iri halkara sport ýaryşlaryna gatnaşmaga çagyrdy.

Gepleşikleriň dowamynda daşary syýasatda hyzmatdaşlyk meselesine aýratyn üns berildi. Biz bu ulgamda Koreýa Respublikasynyň ileri tutýan ugurlaryny bilýäris diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady we Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde dostlukly ýurt bilen bilelikde halkara we sebit ösüşiniň maksatlaryny üpjün etmekde netijeli hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny aýtdy. Mundan başga-da, «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» formatynda özara hyzmatdaşlygyň möhümdigi bellenildi. 2023-nji ýylda Aşgabatda «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň 16-njy mejlisi geçirildi. Bu forum hyzmatdaşlygyň ykdysady kuwwatyny giňeltmegiň, logistik mümkinçilikleri artdyrmagyň möhümdigini görkezdi.

Biz «Koreýa-Ýüpek ýoly» (K-Silk Road) hyzmatdaşlyk başlangyjynyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda gatnaşyklaryň giňeldilmegini goldaýarys. Bu başlangyç Merkezi Aziýa boýunça ilkinji strategiýa bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Koreýa Respublikasynyň Prezidenti hormatly Prezidentimizi we türkmen wekiliýetiniň agzalaryny mübärekläp, Koreýa Respublikasynyň ýakyn dosty bolan Türkmenistana gelip görmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy.

Prezident Ýun Sok Ýol ösüşiň ägirt uly kuwwatyna eýe bolan we okgunly ösýän Merkezi Aziýa sebitine tutuş dünýäde uly gyzyklanma bildirilýändigini aýdyp, Türkmenistanyň bu sebitde möhüm hyzmatdaşlaryň biri bolup durýandygyny belledi. Energetika ulgamynda gazanylan üstünliklere, ynanyşmagyň derejesine daýanyp, hyzmatdaşlygy, şol sanda saglygy goraýyş, telekommunikasiýa, gämi gurluşygy ulgamlarynda gatnaşyklary hemmetaraplaýyn giňeltmek zerurdyr.

Belent mertebeli myhman syýasy ulgamdaky hyzmatdaşlyga ünsi çekip, 2022-nji ýylda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygynyň, 2023-nji ýylda bolsa «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň döredilmeginiň 15 ýyllygynyň bellenilendigini nygtady. Parlamentara hyzmatdaşlyk hem ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýar. Koreý Lideri şu ýyl Türkmenistanda Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň parlamentleriniň ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygyny geçirmegiň meýilleşdirilýändigini aýdyp, bu forumyň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Prezident Ýun Sok Ýol söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada durup geçip, şu saparyň netijeleri boýunça söwdany hem-de maýa goýumlary höweslendirmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilýändigini belledi. Maliýe edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama hem zawodlary gurmak boýunça gatnaşyklary ösdürmäge ýardam eder diýip, dostlukly döwletiň Baştutany belledi.

Koreýa Respublikasynyň Hökümeti geçen hepdede Merkezi Aziýa babatda ilkinji diplomatik strategiýany – «Koreýa-Ýüpek ýoly» (K-Silk Road) hyzmatdaşlyk başlangyjyny hödürledi. Onuň çäklerinde energetika, serişdeler, infrastruktura we döwlet dolandyryşy ulgamynda, senagatlaşdyrmak, azyk howpsuzlygy babatda, medeni-ynsanperwer alyşmalar ugry boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak göz öňünde tutulýar.

Dostlukly döwletiň Baştutany biziň ýurtlarymyzyň ýakyn dostlar hökmünde halkara giňişlikde, hususan-da, BMG-niň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýändiklerini belläp, Türkmenistanyň hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Koreýa Respublikasynyň tagallalaryny goldajakdygyna ynam bildirdi.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra, «Seljuk han» zalynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Ýun Sok Ýol Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, iki döwletiň Baştutanlary «Magtymguly» zalyna bardylar we şol ýerde metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Şol gün belent mertebeli myhman Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binasyna gül goýdy. Asylly däbe görä, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti bu ýerde ýerleşýän Hormatly myhmanlar seýilbagynda iki döwletiň we halklarynyň arasyndaky mizemez dostlugyň nyşany hökmünde agaç nahalyny oturtdy.

Agşam hormatly Prezidentimiz belent mertebeli myhmanyň hormatyna resmi agşamlyk naharyny berdi. Onda iki ýurduň Liderleri söz sözlediler.

## Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr

***12-nji iýunda Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni mynasybetli «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahat geçirildi.***

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan dünýäniň ylmy jemgyýetçiligi bilen özara gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen her ýylda guralýan iki günlük foruma türkmen alymlary bilen bir hatarda, birnäçe daşary ýurtlaryň, şol sanda Azerbaýjanyň, Belarusuň, Bolgariýanyň, Gazagystanyň, Hytaýyň, Gyrgyzystanyň, Mongoliýanyň, Russiýanyň, Özbegistanyň, Ukrainanyň, Fransiýanyň, Estoniýanyň, Ýaponiýanyň we beýleki ýurtlaryň Ylymlar akademiýalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.

Utgaşykly görnüşde geçirilýän halkara ylmy maslahatyň öňüsyrasynda oňa gatnaşyjylar innowasion tehnologiýalaryň sergisi bilen tanyşdylar.

Umumy mejlisiň barşynda hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagy uly üns bilen diňlenildi. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda «Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr. Döwrümiziň ylmy-tehniki gazananlary, bilim hem-de innowasiýalar ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak ýoly bilen ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmegiň, ähli ugurlar boýunça öňegidişlikleri gazanmagyň, dünýäniň syýasy, ykdysady, ylmy-medeni giňişliginde Bitarap Watanymyzyň ornuny pugtalandyrmagyň girewi bolup hyzmat edýär» diýip belleýär.

Soňra dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginiň wekilleri – Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan



Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň prezidenti Rifkat Minnihanow, Gyrgyz Respublikasynyň Milli ylymlar akademiýasynyň prezidenti, habarçy agzasy Kanatbek Abdrahmatow, Belarusuň Milli ylymlar akademiýasynyň baş alym kätibi Wasiliý Gurskiý, Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň baş alym kätibi Gaýrat Bahadirow, Gazagystan Respublikasynyň Milli ylymlar akademiýasynyň wise-prezidenti Lýazzat Ýeraliýewa we beýleki alymlar çykyş etdiler. Olar öz wekilçilik edýän ylmy merkezleriniň işiniň esasy ugurlary barada gürrüň berdiler. ■ 2

## Ýurdumyzyň halkara abraýy belende galýar

***Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ata Watanymyz Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, «Açyk gapylar» we netijeli hyzmatdaşlyk syýasatyny üstünlikli amala aşyrmak bilen, saýlap alan ugruna üýtgewsiz eýerýär. Şeýlelikde, ýurdumyz BMG bilen köpugurly, netijeli gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Şol gatnaşyklar soňky ýyllarda täze mazmuna eýe boldy.***

Täze many-mazmun bilen baýlaşýan Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky strategik gatnaşyklar türkmen döwletiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanylmagy bilen has-da belende galdy. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanylmagy ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Hemişelik Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň wise-başlyklygyna birnäçe gezek saýlanylmagy ýurdumyzyň halkara giňişlikdäki ynamly ornuny has-da pugtalandyrýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň biragyzdan kabul eden Kararnamalarynyň 26-synyň awtory hökmünde çykyş etdi.

Mälim bolşy ýaly, ozal hem ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji, 75-nji we 77-nji mejlisiniň başlygynyň orunbasarlygyna saýlandy. Şeýlelikde, Türkmenistan bu abraýly guramanyň wise-başlyklygyna 8-nji gezek saýlanýar.

Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň 9-njy aprelinde geçirilen BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň mejlisinde Türkmenistan BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň 2025–2029-njy ýyllar üçin agzalygyna biragyzdan



saýlandy. Türkmenistanyň bu komissiýanyň agzalygyna saýlanmagynda uly many bar. Sebäbi Watanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasy bolup, bu ugurda esasy halkara konwensiýalara goşulmak bilen, ýurdumyzy, galyberse-de, tutuş sebitimizi durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ugrundaky işleri yzygiderli alyp barýar.

Döwletimiziň 2023–2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna, şeýle-de BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 2024–2028-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanmagy bolsa, ýurdumyza bildirilýän uly ynamdyr. ■ 2


3


### Iň beýik sagatly diň gurlar

Dubaýda «Aeternitas» sagady berkidilen kaşaň gökdirän gurlar. Binanyň gurluşygynyň 2027-nji ýylda tamamlanmagyna garaşylýar. Ýaşaýyş jaýy hökmünde guruljak binadaky 1 otagly öýüň bahasy 435 müň dollar bolar.


4


### Çempionata öýünde tomaşa etjek ýyldyzlar

Milli ýygyndylaryň arasyndaky her halkara ýaryşda bolşy ýaly, şu sapar hem futbol janköýerleri dürli sebäplere görä, käbir ýyldyz oýunçylaryň oýunlaryna Ýewropa çempionatynda tomaşa edip bilmezler.


5


### EURO 2024-de çykyş etjek ýygyndylaryň düzümi




# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmen-koreý işewürlik maslahatyndaky ÇYKYŞY

*(Aşgabat şäheri, 2024-nji ýylyň 11-nji iýuny)*

***Hormatly Koreýa Respublikasynyň Prezidenti jenap Ýun Sok Ýol!***
***Gadyrly myhmanlar!***
***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Şu gün biz Türkmen-koreý işewürlik maslahatyna gatnaşýarys. Mümkinçilikden peýdalanyp, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti jenap Ýun Sok Ýola maslahata gatnaşýandygy we türkmen-koreý gatnaşyklaryny ösdürmäge aýratyn üns berýändigi üçin minnetdarlyk bildirýäris. Bu foruma türkmen hem-de koreý işewürleriniň, iň öňdebaryjy kompaniýalarynyň gatnaşýandygyny aýratyn bellemek gerek.

Bilşimiz ýaly, soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk has ýokary derejelere çykdy. Esasan-da, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda gatnaşyklarymyz ösüşiň belent sepgitlerine ýetdi hem-de täze many-mazmun bilen baýlaşdyryldy. Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda dürli ugurlar boýunça 105 sany resminama gol çekildi. Şolardan 26-sy döwletara we hökümetara resminamalar, 79-sy bolsa pudagara resminamalar bolup durýar.

Iki ýurduň arasynda alnyp barylýan netijeli söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk soňky ýyllarda has-da berkeýär. Türkmenistanda Günorta Koreýanyň maýasynyň gatnaşmagynda 13 sany kärhana hasaba alyndy. Häzirki wagta çenli ýurdumyzda koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 11 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolan 14 sany maýa goýum taslamasy bar.

Şolaryň hatarynda «Galkynyş» gaz käninde gazy kükürtden arassalaýan zawodyň; Gyýanlydaky polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumynyň gurluşyklary; Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň döwrebap ýagdaýa getirilmegi; «Hyundai» kysymly 1630 sany awtobusuň we 300 sany ýeňil taksi awtoulagynyň satyn alynmagy ýaly iri taslamalary görkezmek bolar. Häzirki wagtda «Koryo Shipbuilding Industry Technology Co., Ltd.» gämi gurluşyk senagaty tehnologiýa kärhanasynyň gatnaşmagynda «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda iki sany gury ýük gämisiniň gurluşygy hem alnyp barylýar.

***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklar özboluşly häsiýete eýe bolup, birnäçe netijeli düzümleriň çäklerinde hyzmatdaşlyk edilýär. Ýagny Söwda, ykdysady, ylmy we tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-koreý topary, «Koreýa Respublikasy – Türkmenistan» parlamentara dostluk topary köp ýyllaryň dowamynda hereket edip gelýär. «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň çäklerinde hem dürli ulgamlar babatda wajyp çözgütler kabul edilip, bu ugurdaky gatnaşyklar diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl-de, eýsem, halkara guramalaryň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde-de işjeň häsiýetde dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylyň 3-nji iýununda göni wideoaragatnaşyk arkaly Söwda, ykdysady, ylmy we tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-koreý toparynyň 9-njy mejlisiniň geçirilendigini bellemek gerek. Mejlisiň dowamynda taraplaryň arasynda şu degişli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy alyp barmak möhüm hasaplandy:

– söwda we maýa goýum, himiýa, nebitgaz pudagy, gämi gurluşygy, ulag-logistika, saglygy goraýyş we derman senagaty, medeniýet, bilim ulgamy ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek;

– iki ýurduň telekeçileriniň we işewürleriniň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak;

– şu ýylyň 11-nji iýunynda Aşgabatda Türkmen-koreý işewürlik maslahatyny geçirmek. Biz, ine, şu maslahaty geçirip otyrys.

***Hormatly adamlar!***

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Koreýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda söwda we maýa goýumy höweslendirmek babatda binýady döretmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekmek teklip edildi. Bu resminama energetika, senagat, söwda, maýa goýumlar, «ýaşyl» we sanly ykdysadyýet ýaly ugurlary öz içine alýar.

Taraplar iki ýurduň arasynda energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň netijeli dowam etdirilmeginiň möhümdigini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, «Galkynyş» gaz käniniň IV tapgyrynyň özleşdirilmeginiň Türkmenistanda gaz pudagynyň ösdürilmegine uly goşant boljakdygy barada nygtaldy. Bu ugurda Koreýa Respublikasynyň Prezidentiniň döwlet saparynyň dowamynda «Türkmengaz» döwlet konserni bilen «Hyundai Engineering Co., Ltd.» kompaniýasynyň arasynda Çarçuwaly ylalaşyk gol çekmek üçin taýýarlanyldy we şonuň esasynda «Türkmengaz» döwlet konserniniň we «Hyundai Engineering Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda «Galkynyş» gaz käniniň IV tapgyrynda öndürijiligi ýylda 10 milliard kub metr harytlyk gazy taýýarlaýjy desgalary we guýulary doly taýýar edip gurmak şerti bilen taslamalaşdyrmak, satyn almak we gurmak taslamasy boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyga gol çekildi.

Duşuşygyň barşynda türkmen tarapy Gyýanlydaky polimer zawodynyň doly önümçilik kuwwatyna ýetirilmeginiň wajypdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Hyundai Engineering Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda Gyýanlydaky polimer zawodynda toplumlaýyn tehniki barlag-audit geçirmek barada baglaşylan şertnamanyň netijesi boýunça polimer zawodynyň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmak üçin taslamanyň mundan beýläk-de durmuşa geçirilmegine gyzyklanma bildirildi. Bu işleriň ýerine ýetirilmegi barada «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň we «Hyundai Engineering Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda Gyýanlydaky polimer zawodynyň üstünlikli işe girizilmegi we durnukly işlemegi üçin zerur çäreleriň we işleriň ýerine ýetirilmegi barada hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ilerletmek maksady bilen, işewürlik maslahatlaryny, sergileri hem-de söwda ýarmarkalaryny guramak, Türkmenistanda we Koreýa Respublikasynda halkara maslahatlary geçirmek ýaly bilelikdäki çäreler göz öňünde tutuldy. Koreýanyň eksport-import bankynyň, Söwda ätiýaçlandyryş korporasiýasynyň, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň, şeýle-de koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda geljekki taslamalar üçin maliýe hyzmatdaşlygy boýunça işler dowam etdiriler.

***Hormatly adamlar!***

Hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Onkologiýa ylmy-kliniki merkezi, Gaýragoýulmasyz tiz kömek merkezi bilen Kýonpuk milli uniwersitetiniň ýanyndaky «Çilgok» hassahanasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak babatda ylalaşyk gazanyldy. Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň medeniýet, sungat işgärleriniň gatnaşmagynda Medeniýet günleri, festiwallar, konsertler, sergiler ýaly medeni çäreleri geçirmekde, bu babatda täze tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden peýdalanmak boýunça tejribe alyşmakda gatnaşyklary ösdürmek hem netijeli ugur hökmünde kesgitlenildi.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda ýaşlaryň arasynda koreý dilini öwrenmäge höwesiň barha artýandygyny bellemek isleýärin. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde koreý diliniň öwredilmegi, koreý dili boýunça ýörite kafedralaryň açylmagy, paýtagtymyzda Patyşa Sejong adyndaky koreý dilini öwredýän okuw merkeziniň üstünlikli hereket etmegi aýdylanlara aýdyň mysal bolup durýar. Biz geljekde-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklarymyzy pugtalandyrmak arkaly halklarymyzy ýakynlaşdyrmak babatda ähli tagallalary ederis.

***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Men şu günki forumyň netijeleriniň türkmen-koreý gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine itergi berjekdigine berk ynanýaryn. Sözümiň ahyrynda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti jenap Ýun Sok Ýola hem-de ähli koreý wekiliýetine ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirýärin.

## Ösüş çaklamasyny ýokarlandyrdy

Bütindünýä banky 2024-nji ýyldaky ykdysady ösüş çaklamasyny 2,6 göterime çykardy. Bu artyşa ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň täsir edýändigi mälim edildi. Täze çaklama ýanwar aýyndakydan 0,2 göterim ýokarydyr. Şeýlelikde, global ykdysadyýet geçen ýyldaky bilen deň bolar. Şeýle-de bolsa, maliýe edarasy geljek iki ýylda ösüşiň kadaly – 2,7 göterim boljakdygyny çaklaýar. Maglumata görä, dünýä ilatynyň we jemi içerki önüminiň 80 göterimini emele getirýän ýurtlaryň köpüsinde ösüş 2026-njy ýyla çenli pandemiýadan ozalky döwürdäkiden pes bolmagynda galar.

**Myrat BAÝRAMGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## «Ýöreýän» agaç ýeňiji boldy

Täze Zelandiýada ädim ädip barýana meňzeýän agaç ýylyň agajy saýlandy. Demirgazyk rata agaçlary edil sary çyrmaşyklar ýaly, ilkibaşda başga bir ösümligiň (agajyň) baldagynda ösüp başlaýar. Soňra köki çykyp aşaklygyna ösüp başlaýar. Ýere kök urandan soňra bolsa, baldagynda ösüp başlan ösümligini «kowup çykarýar». Bu ýagdaý «ýöreýän» agajyň şeýle ösmegine sebäp bolupdyr.

Demirgazyk rata agaçlary 1000 ýyla çenli ýaşaýar. Ýeňiji bolan agajyň näçe ýaşyndadygy näbelli. Emma bu ýerde 150 ýyl ozal ekin meýdany açylypdyr. Ýeriň eýesi daýhan haýsydyr bir sebäp bilen bu agajy kesmändir.

**Gurbanmyrat REJEPOW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

## Ýurdumyzyň halkara abraýy belende galýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, halkara derejede alnyp barylýan beýik işler Watanymyzyň dünýä dolýan mertebesiniň we at-abraýynyň belent ykrarnamasydyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanmagy Bitarap döwletimize toplan tejribesini paýlaşmaga, bilelikdäki teklipleri



we çözgütleri işläp taýýarlamaga hem-de kabul etmäge gös-göni gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Garaşsyz Diýarymyz sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmek, durnukly ösüşiň maksatlaryny gazanmakda umumy tagallalara uly goşant goşýar. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Merkezi Aziýa – BMG» ugry boýunça inklýuziw, doly görnüşli we ulgamlaýyn dialogy ýola goýmagyň wagtynyň gelendigi baradaky pikiri öňe sürmek bilen, Milletler Bileleşiginiň howandarlygynda Merkezi Aziýada we onuň bilen ýanaşyk zolaklarda Howpsuzlyk boýunça maslahaty döretmek barada aýdanlary-da Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine ygrarlydygyny dünýä ýüzüne jar etdi.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämizi iş ýüzünde amala aşyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, durnukly ösüşe hemmetaraplaýyn ýardam bermek, halkara gatnaşyklary ynsanperwerleşdirmek ýaly möhüm maksatlara ýetmäge gönükdirilendir. Konsepsiýada öňde goýlan wezipeler esasynda dünýäde parahatçylyk söýüjilik diplomatiýasyny alyp barýan ýurdumyz halkara derejede dostluk we ynanyşmak ýörelgelerini üpjün etmek üçin tagallalaryny gaýgyrmaýan, netijeli, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolan döwlet hökmünde çykyş etmek bilen, dünýäde oňyn gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly goşant goşýar. Türkmen döwletiniň öňe sürýän başlangyçlarynyň, teklipleriniň düýp özeninde şol maksatlar durýar. Munuň özi berkarar Watanymyzyň ýöredýän daşary syýasatynyň asyrlardan aşyp gelýän hoşniýetlilik we dost-doganlyk ýörelgelerine, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýandygyny görkezýär.

**Atabaý MOMMADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallym-öwrenijisi.*

## Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Umumy pikire görä, binýatlaýyn we amaly ylymlaryň ösdürilmegi, innowasion tehnologiýalaryň, geljegi uly işläp taýýarlamalaryň giňden ornaşdyrylmagy häzirki zaman dünýäsinde ykdysady ösüşi gazanmagyň, halkyň ýaşaýyş-durmuşynyň hilini ýokarlandyrmagyň esasy şerti bolup durýar. Ylym-bilim ulgamyny döwlet syýasatynyň ileri tutulýan esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlän Türkmenistanda häzirki döwürde alnyp barylýan işler bu babatda nusgalyk mysaldyr. Ylmy mümkinçilikleriň milli gymmatlyklaryň aýrylmaz bölegidigini, döwletiň kuwwatynyň we gülläp ösmeginiň, dünýädäki abraýynyň ýokarlanmagynyň binýadydygyny belläp, çykyş edenler ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak, ylmy dünýägaraýşyny giňeltmek babatda döwletimiz tarapyndan berilýän üns-alada ýokary baha berdiler.

13-nji iýunda ylmy maslahat ýurdumyzyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde ýedi sany bölümçäniň çäginde öz işini dowam etdi. Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde «Nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika»; Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynda «Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika»; Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynda «Maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary»; Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde «Häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary»; Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda «Innowasion ykdysadyýet»; Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde «Ynsanperwer ylymlar»; Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Magtymguly Pyragy – adamzat kalbynyň şahyry» atly mejlisler geçirildi.

## Ilkinji gezek nebit çykaryldy

Afrikanyň kenarýaka ýurdy bolan Senegal nebit öndürýän ýurtlaryň hataryna goşuldy. Kenardan 100 kilometr çemesi uzakdaky Sangomar nebit käninden nebit çykarylyp başlandy. Bu ýerde gurlan «ýüzýän» platformada her gün



100 müň barrel nebit öndüriler. Bu barada Awstraliýanyň «Woodside» kompaniýasy mälim etdi. Çuň suwly ýerde gurlan desgada 30 ýyllap nebit çykarylar. Bu ýerden 2014-nji ýylda nebit we gaz ýatagy tapylypdy. Taslamanyň 82 göterimi «Woodside», galan bölegi Senegalyň «Petrosen» kompaniýasyna degişli.

Mundan başga-da, Senegalyň Mowritaniýa bilen bilelikdäki taslamasynyň çäginde şu ýylyň ahyrynda suwuklandyrylan gaz önümçiligine başlanmagyna garaşylýar.

**Çynar GYLYÇDURDYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Brend gymmaty täze sepgide ýetdi

ABŞ-nyň tehnologiýa ägirdi «Apple»-iň bazar gymmaty ilkinji gezek 2018-nji ýylda 1 trillion dollardan geçipdi. Indi bolsa kompaniýanyň brend gymmaty hem 1 trillion dollardan geçip bu sepgide ýeten ilkinji kompaniýa boldy.



«BrandZ»-niň sanawyna görä, «Apple»-iň brend gymmaty geçen ýyldakydan 15 göterim artyp, 1 trillion dollardan geçipdir. Bu ugurda «Google» (753 milliard dollar) ikinji, «Microsoft» (713 milliard dollar) üçünji bolupdyr. Hepdäniň başynda «Apple» smartfonlaryna bolan islegi ýokarlandyrmak maksady bilen emeli aň tehnologiýalaryny tanyşdyrypdy.

**Baýrammyrat BERDIÝEW,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Arkadag şäheri – lukmançylyk klasteriniň merkezi

«Ösüş biziň alyp barýan syýasatymyzyň baş maksadydyr» diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda täze taryhy eýýamda gurmak, döretmek we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda örän uly işler alnyp barylýar. Geçen ýylyň tomsunda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylmagy täze taryhymyzyň şöhratly wakalarynyň birine öwrüldi. Arkadag şäherini döwrebap derejede ösdürmek ugrunda edilýän tagallalaryň netijesinde, bu şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşygy boýunça işler alnyp barylýar.

Täze tapgyrda ekologiýa taýdan arassa önümçiligiň ýola goýulmagy göz öňünde tutuldy. Şonuň netijesinde lukmançylyk klasterini döretmek babatda uly işler durmuşa geçirildi. Täze şäheriň lukmançylyk klasterine degişli önümçilik desgalarynda öndürilmegi meýilleşdirilýän lukmançylyk serişdeleriniň, enjamlarynyň görnüşleri, olary taýýarlamakda ulanylmagy göz öňünde tutulýan ýerli çig mal serişdeleri üçin dürli işler alnyp baryldy. Ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän pamyklar, dokalmadyk matadan taýýarlanan bir gezeklik agyz-burun örtükleri, başgaplar, halatlar, ýorgan-düşek daşlyklary, aýakgap örtükleri, hassahanalar üçin zerur bolan dürli enjamlaryň öndürilmegi göz öňünde tutulýar.

Milli Liderimiziň başlangyçlaryndan ugur alnyp, ekologiýa taýdan arassa we hil babatda halkara görkezijilere laýyk gelýän çig mal binýady bolan Arkadag şäherinde lukmançylyk klasterini döretmek boýunça işlere badalga berildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýetli klaster üçin 100 gektara golaý ýer bölünip berildi.

Ýurdumyzyň wekilçilikli toparynyň agzalary Ýewropanyň birnäçe ýurdunda, Türkiýe Respublikasynda, Hytaýda iş saparlarynda bolup, bu ýerde gurulmagy meýilleşdirilýän önümçilik desgalarynyň, aýratyn-da, saglygy goraýyş ulgamyna degişli kärhanalaryň gurluşygy boýunça tejribe alyşdylar hem-de bu ugurda iň kämil tejribeleri içgin öwrendiler.

Häzirki wagtda «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň döredilip, onda saglygy goraýyş ulgamynda ulanylýan bir gezeklik lukmançylyk serişdeleri, agyz-burun örtükleri we beýlekiler öndürilýär. Bu önümçilikleriň hil standartynyň ISO güwänamalary bilen üstüniň ýetirilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem «akylly» şäherdäki lukmançylyk klasterindäki önümçilikler üçin ýurdumyzda lukmançylyk polipropileni hem-de lukmançylyk duzunyň önümçiligi babatda hem degişli işler ýola goýlar.

Polipropilen ýokary gyzgynlyga we dykyzlyga garşylygy sebäpli lukmançylykda giňden ulanylýar. Polipropilen (PP) monomer propileninden alnan termoplastiki polimerdir. Elýeterli plastmassalaryň biri bolan polipropilen ýokary himiki we bakteriýa garşylygy sebäpli dürli lukmançylyk önümlerini öndürmekde ulanylýar. Şeýle hem bu material lukmançylyk synag turbalaryny, anyklaýyş enjamlarynyň böleklerini, nusgalyk çüýşelerini, iýmit gaplaryny öndürmekde ulanylýar.

**Mekan BEGMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ylmy bäsleşigiň ýeňijileri sylaglandy

12-nji iýunda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýaş alymlaryň hem-de talyplaryň arasynda her ýyl geçirilýän ylmy işler boýunça bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Her ýylyň 12-nji iýunynda bellenilýän Ylymlar gününiň öňüsyrasynda döwlet derejesinde geçirilýän bu bäsleşigi Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi bilelikde guradylar. Oňa ýurdumyzyň zehinli ýaş alymlary, ylmy-barlag institutlarynyň, pudaklaýyn edaralaryň, önümçilik birleşikleriniň işgärleri, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarydyr talyplary, şeýle-de ylma höwesli dürli hünärdäki ýaşlar gatnaşdylar.



Milli ylym ulgamynyň ýaş zehinlerini sylaglamak dabarasyna ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, ylmy jemgyýetçiligiň wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplar gatnaşdylar. Hormatly myhmanlaryň hatarynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylar hem bar.

Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijilerine iberen Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler. Onda eziz Watanymyzda ylmy we bilimi ösdürmegiň, ykdysadyýetimiziň pudaklaryna ylmyň täze gazananlaryny ornaşdyrmagyň, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny ýokarlandyrmagyň baş maksatlaryň biri bolup durýandygy bellenilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň ýaşlary geljegi uly ugurlardaky ylmy gözleglere giňden çekmek meselesine yzygiderli üns bermegi bilen, Ylymlar gününiň öňüsyrasynda geçirilýän ylmy bäsleşige gatnaşýanlaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Şu ýylda hem oňa ýaş alymlaryň we talyplaryň 1670-si gatnaşdy. Olar ylmyň we tehnologiýalaryň esasy alty ugrundan öz işläp taýýarlamalaryny, nazary gözleglerini, ylmy barlaglaryny hödürlediler. Bäsleşik «Nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika»; «Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika»; «Maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary»; «Häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary»; «Innowasion ykdysadyýet»; «Ynsanperwer ylymlar» ýaly ugurlar boýunça geçirildi.

Bäsleşige diňe bir nazary däl-de, amaly taýdan ähmiýeti bolan işläp taýýarlamalar hem hödürlenildi. Seljeriş topary tarapyndan bäsleşigiň baýrakly orunlaryna hödürlenen ýaş alymlaryň 107-siniň ylmy işleri saýlanyp alyndy. Şunda olaryň ähmiýeti, ylmy tarapdan täzeçilligi, ol taslamalaryň iş ýüzünde durmuşa geçirmek we önümçilige ornaşdyrmak nukdaýnazaryndan zerurlygy göz öňünde tutuldy.

Türkmen ylmynyň geljekki şamçyragy boljak ýaşlar – ylmy-barlag edaralarynyň ýaş wekilleri ýeňijiler diýlip yglan edildi. Dabara gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýeňijilere hormatly Prezidentimiziň adyndan diplomlar, gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Dabaraly çäre ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň döredijilik toparlarynyň gatnaşmagynda guralan baýramçylyk konserti bilen jemlendi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 14-i, 2024 | Belgisi: 24/1590
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114186 | Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Saýlaw kampaniýasy başlandy

Eýran Yslam Respublikasynda dalaşgärligi soňky sanawa girizilen alty syýasatçynyň saýlawlardan öňki kampaniýasy resmi taýdan başlandy we iki hepde dowam eder. Bu barada ýurduň saýlaw ştabynyň wekili Mohsen Eslami aýtdy.

9-njy iýunda Eýranyň Gözegçilik geňeşiniň metbugat sekretary Hadi Tahan-Nazif döwlet teleýaýlymynda eden çykyşynda Geňeşiň möhletinden öň Prezident saýlawlaryna gatnaşmak üçin hasaba alnanlaryň dalaşgärligini barlamak işlerini tamamlandygyny habar berdi.«Prezidentlige dalaşgärleriň saýlaw kampaniýasy, Içeri işler ministrligi tarapyndan atlarynyň yglan edilen senesinden resmi taýdan başlandy we ses berişlik başlamazdan 24 sagat öň, ýagny 27-nji iýunda irden tamamlanar» diýip, Eýranyň döwlet teleýaýlymy IRIB Mohsen Eslaminiň sözlerine salgylandy.

Eýranyň saýlaw ştabynyň wekili Mohsen Eslami Prezidentlige dalaşgärleriň iň soňky sanawyna girizilen alty syýasatçynyň atlaryny göni ýaýlymda okady. Bu sanawda Içeri işler ministrliginiň öňki başlygy Mostafa Purmohammadi, Eýran Yslam Respublikasynyň ruhy Lideriniň ýokary milli howpsuzlyk geňeşindäki wekili Said Jalili, mejlisiň häzirki başlygy Mohammed Bager Galibaf, Tähranyň häkimi Alireza Zakani, Eýranyň öňki saglygy goraýyş we lukmançylyk bilimleri ministri Masud Pezeşkiýan, şeýle hem wise-prezident Amir-Huseýin Gazizade-Haşemi bar.

Beýleki bir döwlet habarlar agentligi «Mehr», Eýranyň tanymal iki syýasatçysynyň – öňki Prezident Mahmud Ahmedinežadyň we mejlisiň öňki başlygy Ali Larijaniniň şu aýyň ahyrynda geçiriljek Prezident saýlawlaryna gatnaşmak mümkinçiliginiň ýokdugyny habar berdi. Olaryň gözegçilik geňeşi tarapyndan tassyklanmandygy, ýagny dalaşgärleriň soňky sanawyna goşulmandygy habar berildi.

Eýranyň Konstitusiýasynyň 131-nji maddasyna laýyklykda, nobatdan daşary Prezident saýlawlary, Prezidentiň aradan çykandygy yglan edilenden soň 50 günüň içinde geçirilmeli. Bu wezipäni häzirki



wagtda Prezidentiň birinji orunbasary Mohammed Mohber ýerine ýetirýär.

Saýlaw senenamasyna laýyklykda, dalaşgärleriň hasaba alynmagy 30-njy maýdan 3-nji iýuna çenli aralykda, dalaşgärleriň talaplara laýyklygyny barlamak işleri bolsa 4-nji iýundan 9-njy iýuna çenli aralykda geçirildi.

Saýlawdan öňki kampaniýalar iki hepdeläp – 9-njy iýundan 27-nji iýuna çenli aralykda geçiriler. Saýlawlardan bir gün öň «dymyşlyk güni» yglan edilip, şol döwürde saýlaw kampaniýasyny geçirmek gadagan ediler. Prezident saýlawlary 28-nji iýunda geçiriler. Zerur halatynda 5-nji iýulda ikinji tapgyry geçiriler.

# ÝEWROPA PARLAMENTINE SAÝLAWLAR GEÇIRILDI

6-9-njy iýun aralygynda Ýewropa Parlamentine saýlawlar geçirildi. Ýewropa Bileleşiginiň raýatlary öz ýurtlarynyň wekillerini saýladylar. Her ýurtda 6-9-njy iýun aralygyndaky bir günde saýlaw geçirildi. Çehiýada we Italiýada ses berişlik yzygiderli iki günüň dowamynda geçirildi. Umumy kontinental ses berişlikde Ýewropa Parlamentiniň 720 agzasy saýlandy. Beýik Britaniýa Bileleşikden çykmazdan ozal Ýewropa parlamentinde 705 orun bardy.

Saýlawlar bäş ýylda bir gezek geçirilýär we dünýädäki iň uly transmilli ses berişlik hasaplanýar. Dürli milletlerden bolan 400 milliondan gowrak saýlawçy Ýewropa Parlamentindäki öz syýasy wekillerine ses berdi.

2019-njy ýylyň maý aýynda geçirilen saýlawlarda umumy ses berişlik rekord derejede az – 50,66 göterim bolupdy. Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurt bar. Bu syýasy çäre 1979-njy ýylda geçirilen ilkinji göni saýlawdan bäri 10-njy we Beýik Britaniýanyň Ýewropa Bileleşiginden çykanyndan bäri geçirilen ilkinji saýlawdyr. Häzirki wagtda saýlawçylary migrasiýa, goranmak we halkara howpsuzlygy, jenaýatçylyga we terrorçylyga garşy göreş hem-de howanyň üýtgemegi ýaly möhüm meseleler gyzyklandyrýar. Beýik Britaniýanyň Bileleşikden çykmagy (Brexit) netijesinde 2020-nji ýylyň ýanwar aýynda Korollygyň wekiliýetiniň 27 orny beýleki ýurtlaryň arasynda paýlandy.

Ýewropa Parlamentiniň web sahypasyndaky maglumatlara görä, «Ýewropanyň halk par-




tiýasy» 720-den 184 orna eýe boldy. Şol bir wagtyň özünde, «Ýewropanyň halk partiýasyna» eýerýän «Sosialistleriň we demokratlaryň ösüş bileleşigi» öz netijelerini gowulandyryp, 139 orna eýe boldy. Üçünji orunda 80 orun bilen «Täzelenen Ýewropa» topary, 73 orun bilen sagçy «Ýewropaly konserwatorlar we reformaçylar» topary, 58 orun bilen «Şahsyýet we demokratiýa» topary, 52 orun bilen «Ýaşyllar» gelýär. Ýewropa parlamentiniň täze düzümine 36 orun bilen «Çepçiler» goşulýar.

# Baş Assambleýanyň täze başlygy

Kamerunyň öňki Premýer-ministri Filemon Ýang BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisiniň başlygy wezipesine saýlandy. Bu barada BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygynyň wekili Monika Greýli mälim etdi. Onuň aýtmagyna görä, Baş Assambleýada 79-njy mejlisiň başlygyny kesgitlemek üçin 193 agza döwletiň wekilleriniň



gatnaşmagynda ses berildi. Filemon Ýang şu ýylyň sentýabr aýynda wezipesine girişer. Şeýle-de Greýli 6-njy iýunda Baş Assambleýanyň 2025-2026-njy ýyllar üçin BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl bäş agzasy üçin saýlaw geçirilendigini sözüniň üstüne goşdy.

Baş sekretar Antoniu Guterriş Ýangy saýlanmagy bilen gutlap, Baş Assambleýanyň häzirki başlygy Dennis Frensisiň «Assambleýanyň işine deňsiz-taýsyz diplomatiýa ussatlygy bilen ýolbaşçylyk edendigini» aýtdy. Filemon Ýang özüniň saýlanmagy üçin ses beren Afrika ýurtlarynyň wekillerine hoşallygyny bildirdi. Ol Assambleýada işlän döwründe dünýä jemgyýetçiligine mynasyp hyzmat etjekdigini aýtdy.

Baş Assambleýa BMG-niň esasy syýasy guramasydyr. Ähli agza döwletleri birleşdirýän Baş Assambleýa BMG-niň Düzgünnamasynda göz öňünde tutulan halkara meseleleriniň ähli ugurlaryny köptaraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak üçin özboluşly platforma bolup hyzmat edýär.

BMG-ä agza 193 döwletiň her biriniň Baş Assambleýada ses bermäge hukugy bar. Baş Assambleýada Howpsuzlyk Geňeşiniň teklibi bilen Baş sekretaryň bellenilmegi we hemişelik däl agzalaryň saýlanmagy ýaly BMG üçin möhüm kararlar kabul edilýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisi şu ýylyň sentýabr aýynda başlanýar.

**Hemişelik däl agzalar belli boldy**

Daniýa, Gresiýa, Pakistan, Somali we Panama 2025-nji ýyldan 2026-njy ýyla çenli döwürde BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalary bolarlar. Bu barada bütindünýä guramasynyň Baş Assambleýasynyň kararynda bellenilýär.

Ady agzalan ýurtlar Şweýsariýanyň, Maltanyň, Ýaponiýanyň, Ekwadoryň we Mozambigiň ýerini alarlar. Bu döwletleriň hemişelik däl agza hökmündäki ygtyýarlylyk möhleti şu ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýar.

BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine jemi 15 agza döwlet girýär. Her ýyl düzümiň hemişelik däl bäş agzasy ondan çykýar, olaryň ýerine başga bäş ýurt saýlanýar. Hemişelik däl agza bolmak üçin dalaşgär döwlet Baş Assambleýanyň degişli ýygnagynda ses bermäge gatnaşýan ýurtlaryň azyndan üçden ikisiniň sesini almaly.

# SÖWDANYŇ MÖÇBERI ARTÝAR

Daşkentde «Umumy abadançylyga we durnukly ösüşe barýan ýolda özara peýdaly hyzmatdaşlyk» şygary astynda «Merkezi Aziýa – Hytaý» analitik merkezleriniň dördünji forumy geçirildi. Bu çäre, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategiki we sebitara barlaglar instituty hem-de Hytaýyň Sosial ylym-



lar akademiýasynyň Russiýa, Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa instituty bilen bilelikde guraldy. Çärede Hytaýyň Sosial ylymlar akademiýasynyň baş sekretary Çžao Çžimin çykyş edip, forumyň Hytaý bilen Özbegistan, Gazagystan, Türkmenistan, Täjigistan we Gyrgyzystan ýaly Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklary berkitmekde möhüm ornunyň bardygyny aýtdy.

– Hytaý bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň oňyn depgini 2023-nji ýylda ykdysady ösüşe itergi berdi. Hytaý bilen sebit ýurtlarynyň arasyndaky söwdanyň mukdary 30 göterim töweregi ösdi – diýip, Çžao Çžimin öz çykyşynda belledi. Şol bir wagtyň özünde, Çžao Çžimin köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmek üçin birnäçe möhüm ugurlaryň hatarynda ykdysadyýet, sanlylaşdyrma, ylym we bilim ýaly ugurlary görkezdi.

Bu çärä 20-ä golaý öňdebaryjy barlag we seljeriş merkeziniň 40-dan gowrak ýolbaşçysy we bilermeni, HHR-niň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Özbegistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdy.

**Içerki sebit haryt dolanyşygy 11 milliard dollar artdy**

Soňky bäş ýylda Merkezi Aziýadaky içerki sebit haryt dolanyşygy 11 milliard dollara çenli artdy. Bu barada Gazagystanyň söwda ministri Arman Şakkaliýew Söwda syýasaty boýunça ikinji Merkezi Aziýa forumynda habar berdi. Çäre Bütindünýä Söwda Guramasy, Aziýa Ösüş Banky, Halkara Söwda merkezi hem-de Gazagystanyň Hökümeti tarapyndan Almatyda guraldy. Gazagystan Respublikasynyň söwda ministriniň birinji orunbasary Aýžan Bižanowa soňky ýigrimi ýylda sebitiň jemi içerki önüminiň durnukly ýagdaýda ýylda 6,2 göterim ösüş gazanandygyny we 350 milliard dollardan geçendigini belledi.

# GAZ ÝATAGY TAPYLDY

Koreýa Respublikasy Ýapon deňzinde uly nebit we gaz ýatagyny ýüze çykardy. Seulyň takmynan, 260 kilometr günortagündogaryndaky Ýonil aýlagynda ýerleşýän bu ýatakda 14 milliard barrel töweregi nebit we gaz bolup biler. Deslapky çaklamalara görä, gorlaryň 75 göterimi gaz, 25 göterimi nebitdir. Gazyň mukdary ýurduň 29 ýylyna, nebitiň mukdary bolsa 4 ýylyna ýeter.

Bu açyş özüniň energiýa zerurlyklarynyň, takmynan, 97-98 göterimini import edýän Koreýa Respublikasy üçin aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Ýurt eýýäm köp wagtdan bäri öz suwlarynda geologik barlag işlerini alyp barýar we bu üstünlikli açyşyň ilkinjisi däl. 1998-nji ýylda Koreýa Respublikasy Phohandan uzakda bolmadyk suwlardan 45 million barrellik gaz ýatagyny ýüze çykardy. Bu ýatagy 17 ýylyň dowamynda ulanan ýurt 1,4 trillion won, takmynan, 1 milliard dollar sap girdeji gazandy.



Koreýa Respublikasynyň Söwda, senagat we energetika ministrligi eýýäm täze ýatakda gözleg buraw meýilnamasyny tassyklady. 2025-nji ýylyň birinji ýarymyna çenli deslapky netijelere garaşylýar.

# Iň beýik sagatly diň gurlar

Dubaýda «Aeternitas» sagady berkidilen kaşaň gökdirän gurlar. Binanyň gurluşygynyň 2027-nji ýylda tamamlanmagyna garaşylýar. Ýaşaýyş jaýy hökmünde guruljak binadaky 1 otagly öýüň bahasy 435 müň dollara deň bolar. «Aeternitas» gökdiräni dünýäniň iň belent sagatly ýaşaýyş diňi bolar. Beýikligi 450 metre deň bolan bu gökdirän Beýik Britaniýadaky «Big-Benden» dört esse beýik, ABŞ-daky iň beýik ýaşaýyş jaý binasy «Central Park Towerden» 22 metr gysga bolar.

Mundan başga-da, bu bina Mekgedäki «Makkah Clock» diňinden soň dünýäniň ikinji beýik sagatly gökdiräni bolar. Emma ondan tapawutlylykda, «Aeternitas» gökdiräninde ýaşaýyş öýleri bolar. Gökdiräniň taslamasy Dubaýda ýerleşýän «London Gate» we Şweýsariýanyň nepis sagatlary öndüriji «Frank Müller» kompaniýalarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijesidir. Binadaky sagadyň beýikligi 40 metre, ini 30 metre ýeter, bu bolsa 6 kilometr uzaklykdan sagady görmäge mümkinçilik berer.

Beýik gatly binada 1-3 otagly 649 sany kaşaň öýleri ýerleşdirmek meýilleşdirilýär. Gökdiräniň ady latyn dilinden terjime edilende, «Ebedilik» diýen manyny berýär.



# KOSMONAWTLARYNY MARSA IBERMEKÇI

Koreýa Respublikasy Ýeriň hemrasyny we Gyzyl planetany öwrenmek maksady bilen halkara taslamalaryna işjeň gatnaşýar we bu ugurlarda öz başlangyçlaryny ösdürýär. Ýurt 2032-nji ýyla çenli Aýa, 2045-nji ýyla çenli Marsa öz enjamlaryny ugratmaga gönükdirilen giň kosmos maksatnamasyny yglan etdi.

Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýoluň sözlerine görä, ýurt ýakyn onýyllyklaryň dowamynda Marsa we Aýa kosmonawtlary ibermekçi. Biz kosmos başlangyçlaryny maliýeleşdirmek üçin býujetden, takmynan, 70 milliard dollar bölüp bermegi meýilleşdirýäris.

Maksatnama NASA-nyň öňki işgäri Jon Liniň ýolbaşçylyk edýän Koreýa aerokosmos agentligi (CASA) tarapyndan amala aşyrylýar. Maksatnamanyň çäginde, Koreýa NASA-nyň 2026-njy ýyla çenli astronawtlary Aýa ugratmagy maksat edinýän «Artemis-3» missiýasyna işjeň gatnaşmagy meýilleşdirýär. Mundan başga-da, 2032-nji ýyldan gijä galman CASA öz kosmos gämisini ulanyp, Aý taslamasyny durmuşa geçirmegi meýilleşdirilýär. Koreýaly kosmonawtlar 2045-nji ýylda Marsa gonmagy meýilleşdirýärler.

Uly meýilnamalary durmuşa geçirmek üçin Koreýa Respublikasy diňe döwletiň maliýe çeşmelerini däl, eýsem, hususy çeşmeleri hem özüne çekýär. Aý zonduny we täze uçuş ulaglaryny döretmek taslamalary «Hanwha Aerospace» we «Perigee Aerospace» kompaniýalary bilen bilelikde amala aşyrylar.



# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

▶ **Olimpiýa halkalary berkidildi.** Parižde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlarynyň halkalary Eýfel diňiniň günorta tarapyna berkidildi. Bu halkalar Oýunlara 50 gün galanda oturdyldy. Polatdan ýasalan nyşanyň ini 29 metr, beýikligi 13 metr. Olimpiýa oýunlary 26-njy iýuldan 11-nji awgust aralygynda geçiriler.



▶ **Rekordlar kitabyna girizildi.** ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň Santa-Fe-Springs şäherinde guralan «ShowFX» sergisinde Arnold Şwarseneggeriň äpet heýkeli goýuldy. Beýikligi 6,75 metre ýetýän heýkel aktýoryň iň uly heýkeli hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.



▶ **Jeksonyň durmuşy hakda film.** Pop sazynyň şasy Maýkl Jeksonyň ömri we döredijiligi barada gürrüň berýän «Maýkl» atly terjimehal filmini surata düşürmek işleri tamamlandy. Filmiň daşary ýurtdaky ilkinji görkezilişini 2025-nji ýylyň aprelinde guramak meýilleşdirilýär. Jeksonyň keşbini onuň inisi Jaafar Jekson oýnady.



▶ **Iň gymmat sygyr.** «Nelore» tohumyndan bolan «Viatina-19» atly sygyr Braziliýada 4,3 million dollara satylyp, dünýäde iň gymmat sygyr boldy. Ony ýerli fermalaryň biriniň seçgiçileri satyn aldy. Olar sygryň tohumyny köpeltmek isleýärler. Örän çydamly «nelore» tohumy yssyny ýeňil geçirýär, az iým bilen çalt semreýär.



▶ **Köller maýlama sebäpli giňeldi.** Hytaýdaky Sinhaý-Tibet daglygyndaky kölleriň meýdany soňky 30 ýylda 10 müň inedördül kilometrden gowrak giňedi. Bu ählumumy maýlama bilen baglydyr diýip, Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň Sinhaý-Tibet daglyklarynyň ylmy-barlag institutynyň alymlary aýtdy.



▶ **Robotlar adam zähmetiniň ornuny tutar.** Adamsypat robotlar ýakyn bäş ýylda adam zähmetiniň ornuny tutar. Bu tehnologiýanyň ulag, kompýuter we elektronika ýygnalýan fabrikler ýaly önümçilik pudaklarynda giňden peýdalanylmagyna garaşylýar. Sebäbi bu pudakda işleriň 90 göterime golaýy el güýji bilen ýerine ýetirilýär.



▶ **Itleriň ys alşy çensiz.** Finland alymlary tarapyndan geçirilen barlaglar itleriň ýokary ys alyş duýgusynyň bardygyny, ysyň örän az zerresini anyklamaga hem ukyplydygyny görkezdi. Barlaglaryň dowamynda itler 10 millilitr suwa 1 molekula goşulan ewkalipt gidrolaty bolan predmeti tapyp bildiler diýip, «Animals» žurnaly ýazýar.



▶ **Dinozawryň täze görnüşi.** Halkara alymlaryň topary Zimbabweden dinozawryň täze görnüşiniň daşa dönen galyndylaryny ýüze çykardylar. «Musankwa sanyatiensis» diýlip atlandyrylan täze görnüş, takmynan 210 million ýyl ozal ýaşap geçipdir. Agramy 390 kilogram töweregi bolan dinozawryň boýnunyň has uzyn bolandygy bellenilýär.



▶ **Marsdan çukur tapyldy.** Marsyň üstünde ýerasty gowaga eltmegi mümkin bolan düýpsüz çukur tapyldy. Çukur NASA-nyň HiRISE kamerasy arkaly ýüze çykaryldy. Alymlar çukuryň opurylan köwek ýa-da lawa turbasynyň girelgesiniň bolmagynyň mümkindigini çaklaýarlar. 178 metre ýetýän çukur Ýerde gabat gelýän çukurlardan has uly.



▶ **«Chang'e 6» surat ugratdy.** Hytaýyň Milli kosmos edarasynyň (CNSA) «Chang'e 6» Aý zondy Aýyň arka tarapyndan alnan suratlary iberdi. Suratlarda Aýa gonuş nokadyndaky panorama şekilleri göze ilýär. «Chang'e 6» 25-nji iýunda Ýere gonar.



# TARYHDA ŞU GÜN

Alkok bilen Braunyň 1919-njy ýylyň 14-15-nji iýunynda amala aşyran transatlantik uçuşy – Kanadanyň Sent-Jons şäherinden Irlandiýanyň Klifden obasyna çenli ilkinji dyngysyz transatlantik uçuşdyr. Bu uçuş britan uçarmanlary Jon Alkok we Artur Braun tarapyndan 16 sagat 28 minutda «Vickers Vimy» uçarynda amala aşyryldy.



# Çempionata öýünde tomaşa etjek ýyldyzlar

**Milli ýygyndylaryň arasyndaky her halkara ýaryşda bolşy ýaly, şu sapar hem futbol janköýerleri dürli sebäplere görä, käbir ýyldyz oýunçylaryň oýunlaryna Ýewropa çempionatynda tomaşa edip bilmezler. Başgaça aýdylanda, käbir ýyldyz oýunçylar EURO 2024-e öýlerinde ýa-da dynç alýan ýerlerinde tomaşa ederler. Olar hemişekiler ýaly 3 topara bölünýär.**




● **Milli ýygyndysy gatnaşmaýanlar.** Saýlama tapgyryny geçip, 24 ýygyndynyň arasyna goşulyp bilmedik toparlaryň ýyldyzlary bu sanawa girýär. Norwegiýadan Erling Holann, Martine Edegor, Aleksander Sörlot, Şwesiýadan Aleksander Isak, Wiktor Dýokereş, Deýan Kuluşewski, Wiktor Lindelöf, Bosniýa we Gersegowinadan Edin Jeko bu sanawyň esasy ýyldyzlarydyr. Yklymlaýyn ýaryş bolany üçin bu sanaw o diýen uzyn däl.

● **Şikesli bolanlar.** Milli ýygyndysy gatnaşmaga hukuk gazansa-da, tälimçisi çagyrsa-da, şikesi sebäpli çempionatyň daşynda galjak futbolçylaryň sany hemişe az bolmaýar. Niderlandlardan Marten De Roon, Franki de Ýong, Teun Kopmeýners esasy düzüme alynsalaram, şikesi sebäpli milli ýygyndyny terk etmeli boldular. Awstriýadan toparyň esasy ýyldyzy Dawid Alaba hem şikesi sebäpli meýdançanyň daşynda galar. Tälimçi Rangnik ony şikesli bolsa-da, milli toparyň ýany bilen Germaniýa çagyrdy. Ispaniýaly Gawiniň geçen ýylyň noýabrynda alan şikesi onuň sanawyň daşynda galmagyna sebäp boldy. Portugaliýadan Otawio, Italiýadan Frençesko Açerbi, Fransiýadan Luka Hernandes, ýer eýesi Germaniýadan düzüme çagyrylsa-da, saglyk ýagdaýy sebäpli topardan ugradylan Aleksander Pawlowiç, Polşadan esasy düzüme çagyrylyp, soň şikes alan Arkadiuş Milik, Şotlandiýadan toparyň esasy oýunçylaryndan Lýuwis Ferguson, Türkiýeden Çaglar Söýünjü, Ozan Kabak, Enes Ünal dagy şikesinden ejir çekýän beýleki ýyldyzlardyr.

● **Tälimçiler tarapyndan saýlanmadyklar.** Iň esasy we has uzyn sanawly toparymyzdaky ýyldyzlaryň sany az däl. Bilşiňiz ýaly, halkara ýaryşlara milli toparlar 23 oýunçy bilen gatnaşýardy. Pandemiýadan soň bu sanaw 26-a çykaryldy we olaryňam azyndan 3-si derwezeçi bolmaly. Käbir tälimçiler üçin ýygynda oýunçy saýlamak juda kyn. Sebäbi şonça ýyldyz oýunçynyň arasyndan, käbir ýerler üçin 4–5 alternatiwiň arasyndan saýlamaly bolýarlar. Şu çempionatda-da Angliýanyň tälimçisi Garet Sautgeýt sanawyň daşynda galdyran oýunçylary bilen köpleriň ünsüni özüne çekýär. Ol «Arsenaldan» Ben Waýty, şol sanda möwsümi o diýen şowly geçirmedik Markus Reşfordy, Jeýdon Sançony, Jordan Hendersony düzüme hiç hili almady. Çempionatyň öňüsyrasynda 33 oýunçydan düzen ýygyndysyna çagyrylanlardanam Jek Grilişi, azda-kände şikesi hem bar bolan Harri Maguaýry, Jeýms Maddisony Germaniýa alyp gaýtmady.



Ýer eýesi Germaniýanyň ýaş tälimçisi Ýulian Nagelsmannyň hem sanawyň daşynda galdyran käbir ýyldyzlary köpleriň ünsüni çekdi. Ol Mats Hummels, Marko Roýs, Ýulian Brandt, Karim Adeýemi ýaly Çempionlar Ligasynyň finalçysy «Borussiýa Dortmundyň» ýyldyzlaryny, şol sanda Leon Goreska, Serž Gnabri, Timo Werner ýaly ozal milli toparda telim gezek oýnap, ep-esli gol geçiren oýunçylary ýygyndynyň daşynda galdyrdy.

Belgiýanyň ýygyndysynda-da ýaş tälimçi Domeniko Tedeska möwsümiň agramly bölegini şikesi sebäpli oýnap bilmän, diňe 4-5 duşuşykda oýnan Tibo Kurtuany, belli hüjümçi Mişi Batşuaýini, şol sanda Hans Wanakeni, Leander Dendonkeri ýygynda çagyrmady.

Italiýada Matteo Pessina, Marko Werratti, Matteo Politano, Çiro Immobile, Manuel Lokatelli, Jakomo Bonawentura, Leonardo Spinazzola, Alessandro Florenzi ýaly oýunçylar Spallettiniň sanawyna girip bilmedi. Ispaniýanyň tälimçisi De La Fuente hem Pau Kubarsi, Pedro Porro, Erik Garsiýa, Aleiks Garsiýa, Oihan Sanset, Marko Asensio, Markos Llorente dagyny düzüme almady. Portugaliýada bolsa Rafael Gerreýro hem tälimçiniň saýlan oýunçylarynyň arasyna düşmek başartmady.

## EURO 2024-iň baýrak gaznasy

17-nji Ýewropa çempionatynyň umumy baýrak gaznasy 331 million ýewro deňdir. 24 toparyň hersine gatnaşany üçin 9,25 million ýewro berler. Gazanylan her ýeňşe 1 million, alnan deňme-deňlik üçinem 500 müň ýewro tölener. 1/8 finalyna çykan toparlara 1,5 million ýewro, çärýek finala galanlara 2,5 million ýewro, ýarym finala çykanlara-da 4 million ýewro berler. Çempionlygyň baýragy-da 8 million ýewro diýlip kesgitlenildi. Çempion bolan ýygyndy toparçadaky ähli duşuşygynda ýeňiş gazansa, olaryň umumylykda aljak pul baýragy 28,25 million ýewro möçberinde bolar. Finalda utulan topar wise-çempion hökmünde finala çenli gazananlarynyň üstüne ýene-de 5 million ýewro alar.



# Toparlaryň mundan ozalky özara duşuşyklary

Ýewropa çempionatyna gatnaşýan ýygyndylaryň hemmesine golaýy toparçalarda duşuşjak ýygyndylary bilen ozal telim gezek duşuşyk geçirdiler. 2–3 sany ýygyndy bolsa ilkinji gezek EURO 2024-de özara duşuşarlar.




Şu çempionatda toparçalarda özara duşuşyk geçirjekleriň arasynda mundan öň iň köp gabatlaşan toparlar Şweýsariýa bilen ýer eýesi Germaniýanyň ýygyndylarydyr. Olar mundan ozal 53 duşuşykda garşylaşdylar. Şolarda Germaniýa has ýokary netije görkezip, olar 36 gezek Şweýsariýanyň ýygyndysyndan üstün çykmagy başardy. Şweýsarlar 9 gezek ýeňip, 8 duşuşykda-da deňmedeň oýnadylar. Gollarda nemesleriň 142 topuna şweýsarlar 69 gol bilen jogap berdiler.

Horwatiýa bilen Albaniýa, Ukraina bilen Belgiýa, Çehiýa bilenem Gruziýanyň ýygyndylary taryhlaryndaky ilkinji özara duşuşyklaryny şu çempionatyň çäginde geçirerler.

| «A» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Germaniýa – Şotlandiýa | 17 | 8 | 5 | 4 | 26–23 |
| Wengriýa – Şweýsariýa | 46 | 30 | 5 | 11 | 151–71 |
| Germaniýa – Wengriýa | 37 | 13 | 12 | 12 | 76–68 |
| Şotlandiýa – Şweýsariýa | 16 | 8 | 3 | 5 | 26–24 |
| Şweýsariýa – Germaniýa | 53 | 9 | 8 | 36 | 69–142 |
| Şotlandiýa – Wengriýa | 9 | 3 | 2 | 4 | 16–20 |

| «B» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Ispaniýa – Horwatiýa | 10 | 5 | 2 | 3 | 20–12 |
| Italiýa – Albaniýa | 9 | 4 | 0 | 0 | 10–10 |
| Horwatiýa – Albaniýa | – | – | – | – | – |
| Ispaniýa – Italiýa | 40 | 13 | 16 | 11 | 45–46 |
| Albaniýa – Ispaniýa | 8 | 0 | 0 | 8 | 3–34 |
| Horwatiýa – Italiýa | 9 | 3 | 5 | 1 | 10–10 |

| «C» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Sloweniýa – Daniýa | 6 | 0 | 1 | 5 | 3–14 |
| Serbiýa – Angliýa | 15 | 4 | 5 | 6 | 25–21 |
| Sloweniýa – Serbiýa | 8 | 1 | 6 | 1 | 11–13 |
| Daniýa – Angliýa | 22 | 4 | 5 | 13 | 24–41 |
| Angliýa – Sloweniýa | 6 | 5 | 1 | 0 | 10–4 |
| Daniýa – Serbiýa | 12 | 5 | 0 | 7 | 23–25 |

| «D» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Polşa – Niderlandlar | 19 | 3 | 7 | 9 | 19–28 |
| Awstriýa – Fransiýa | 25 | 9 | 3 | 13 | 41–38 |
| Polşa – Awstriýa | 10 | 5 | 2 | 3 | 19–17 |
| Niderlandlar – Fransiýa | 30 | 11 | 4 | 15 | 57–54 |
| Niderlandlar – Awstriýa | 20 | 10 | 4 | 6 | 38–24 |
| Fransiýa – Polşa | 17 | 9 | 5 | 3 | 30–17 |

| «E» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Rumyniýa – Ukraina | 6 | 3 | 1 | 2 | 14–10 |
| Belgiýa – Slowakiýa | 3 | 1 | 2 | 0 | 4–3 |
| Slowakiýa – Ukraina | 8 | 2 | 3 | 3 | 9–10 |
| Belgiýa – Rumyniýa | 11 | 5 | 2 | 4 | 16–14 |
| Slowakiýa – Rumyniýa | 11 | 1 | 5 | 5 | 12–20 |
| Ukraina – Belgiýa | – | – | – | – | – |

| «F» TOPARÇA | O | Ý | D | U | GOL |
|---|---|---|---|---|---|
| Türkiýe – Gruziýa | 5 | 3 | 1 | 1 | 12–5 |
| Portugaliýa – Çehiýa | 14 | 7 | 3 | 4 | 17–12 |
| Gruziýa – Çehiýa | – | – | – | – | – |
| Türkiýe – Portugaliýa | 9 | 2 | 0 | 7 | 9–19 |
| Gruziýa – Portugaliýa | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–2 |
| Çehiýa – Türkiýe | 21 | 12 | 3 | 6 | 45–23 |

**Bellik:** Çehiýanyň, Germaniýanyň, Serbiýanyň duşuşyklaryna degişlilikde, Çehoslowakiýanyň, Günbatar Germaniýanyň, Ýugoslawiýanyň duşuşyklary-da goşulýar.

# RIMDE ITALÝANLAR ÖŇE SAÝLANDY

**Ýeňil atletika boýunça Italiýanyň paýtagty Rimde geçirilen 26-njy Ýewropa çempionatynda ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. Italiýanyň ýeňil atletikaçylary medal sanawynda ilkinji gezek 1-nji orny eýelediler. Rimdäki Olimpiýa stadionynda geçirilen ýaryşlarda ýer eýeleri 11 altyn, 9 kümüş, 4 bürünç, jemi 24 medal gazandylar. 4 altyn medal gazanan 4 ýurduň arasynda Fransiýanyň ýygyndysy kümüş medallarda öňe saýlanyp, sanawda 2-nji ýere mynasyp boldular (4 altyn, 5 kümüş, 7 bürünç, jemi 16 medal). 4 altyn, 4 kümüş, 5 sany-da bürünç medal gazanan Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň türgenleri 3-nji, Norwegiýa 4-nji (4–2–1), Şweýsariýa bolsa 5-nji (4–1–4) ýeri eýeledi.**




19 ýurduň wekili azyndan 1 altyn, 28 ýurduň türgeni-de azyndan 1 medal gazanmagy başardy. 6 günläp dowam eden bäsleşiklerde 15 sany çempionatyň rekordy täzelendi.

Erkekleriň arasynda Marsel Ýakobs (100 m), Ýemaneberhan Krippa (ýarym marafon), çempionatyň rekordyny täzelän Lorenzo Simonelli (päsgelçilikli 110 m), 3-nji altyn medalyny gazanan Janmarko Tamberi (beýikligine bökmek), Leonard Fabbri (gülle iteklemek), zenanlardan 5 müň we 10 müň metr ylgawlarda ýeňiş gazanan Nadia Battokletti (ilkinjisinde çempionatyň rekordyny täzeledi), 20 km ýöriş ýaryşynda Antonella Palmisano, ýekedaban zyňmakda Sara Fantini dagy ýer eýelerine altyn medal gazandyran türgenler boldular. Italýanlar ýarym marafon ylgawynda toparlaýyn görnüşde hem-de 4x100 metr estafeta ylgawynda münberiň iň ýokary basgançagyna çykdylar.



### 3-nji yklym çempionlyklary

● Norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen 1500 hem-de 5 müň metre ylgamakda ýeňiji bolup, 2 görnüşde-de 3-nji gezek yklymyň çempionlygyny gazandy. Watandaşy Karstem Warholm hem päsgelçilikli 400 metre ylgamakda ýaryşyň rekordyny täzeläp (46,98 sekunt), 3-nji altyn medalyny boýnuna dakdy.




Şwesiýa syrykly bökmegiň ägirdi Armand Duplantis özüne degişli bolan çempionatynyň rekordyny ösdürip (6,10 metr), 3-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. Edil şonuň ýaly polşaly ýekedaban zyňyjy Woýseh Nowiski hem 3-nji gezek çempion bolmagy başardy (80,95 metr). Uzynlygyna bökmekde Olimpiýa çempiony, gresiýaly Miltiadis Tentoglu ýaryşyň rekordyny goýup (8,65 metr), bassyr 3-nji gezek Ýewropanyň çempiony diýen ady eýeledi. Ady agzalan bu türgenleriň ählisi hem yzly-yzyna 3-nji gezek altyn medala mynasyp boldular.

### Yzly-yzyna 7 çempionlyk gazanan ilkinji türgen

● Zenanlaryň arasynda horwatiýaly disk zyňyjy Sandro Pelkowiç Elkasewiçe ýene-de taý tapylmady. 33 ýaşyndaky türgen bassyr 7-nji gezek altyn medal gazanmagy başardy. Ol Ýewropa çempionatynda yzly-yzyna 7 altyn medal gazanan ilkinji türgen hökmünde taryha girdi. Beýikligine bökmekde ukrainaly Ýaroslawa Mahuçih, 200 metre ylgamakda-da Mužinga Kambundži, 800 metr ylgawda britaniýaly Kili Hojkinson dagy bassyr 2-nji, uzynlygyna bökmekde germaniýaly Malaika Mihambo hem 2-nji sapar altyn medal gazandy. 400 metre ylgamakda ýeňiji bolan niderland türgeni Femke Bol Ýewropa çempionatlaryndaky 5-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Britaniýaly sprinter Dina Aşer-Smit 100 we toparlaýyn 4x100 metr bäsleşiklerinde ýeňiji bolup, yklym ýaryşlaryndaky 6-njy altyn medalyny gazandy. Heptatlonda (7 görnüşli) belgiýaly Nafissatu Tiama bassyr 3-nji gezek taý tapylmady.





Ýewropa çempionaty indiki gezek 2026-njy ýylda Beýik Britaniýanyň Birmingem şäherinde geçiriler.

# 18 ýygyndy 3-nji tapgyra çykdy

**Futbol boýunça 2026-njy ýylda geçiriljek Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň Aziýa zolagynda 2-nji tapgyryň duşuşyklary tamamlandy. Netijede, 9 toparçanyň hersinden 2 ýygyndy ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Toparçalarda 3-4-nji ýeri eýelänler bolsa Aziýa Kubogy 2027-niň 3-nji saýlama tapgyryndan ýaryşa başlarlar.**

Toparçalarda 5-6-njy duşuşyklar geçirilip, 18 ýygyndy 3-nji saýlama tapgyryna ýollanma aldy. Şol 18 ýygyndy 6 toparly 3 toparça paýlanar. Olaryň bijesi 27-nji iýunda Kuala Lumpurda geçiriljek dabarada belli bolar.

«A» toparçadaky soňky 2 oýunda Owganystan bilen myhmançylykda golsuz deňme-deň oýnan Kataryň ýygyndysy öz meýdançasynda Hindistany 2–1 hasabynda ýeňdi. Toparçadan Katar 1-nji, Kuweýt 2-nji bolup, çykmagy başardy. «B» toparçada ilki Siriýany myhmançylykda, soňra Mýanmany öz meýdançasynda 5–0 hasaplar bilen ýeňen Ýaponiýanyň ýygyndysy gol geçirtmezden 18 utuk bilen 1-nji orny eýeledi. 1-nji oýunlarda-da garşydaşlaryny 5–0 hasaplar bilen ýeňen ýaponlardan soň Demirgazyk Koreýanyň ýygyndysy toparçada 2-nji orna mynasyp boldy. «C» toparçada Singapuryň derwezesinden jogapsyz 7 gol geçiren Günorta Koreýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda-da Hytaýy Li Kan-Iniň goly esasynda ýeňip, 16 utuk bilen 1-nji orny eýeledi. 8 utukly 2 topardan Hytaý özara duşuşyklarda Tailanddan öňe saýlanyp, Dünýä Kubogynyň 3-nji saýlama tapgyryna çykdy. «D» toparçada Omanyň ýygyndysy Al-Muşaifiriniň het-trigi bilen Hytaý Taýpeini 3–0 hasabynda ýeňdi. Gyrgyzystan bolsa Malaýziýa bilen 1–1 deňme-deň oýnady. 6-njy duşuşyklarda Oman bilen Gyrgyzystan utuklary paýlaşyp, iki topar 1–2-nji orunlary eýelediler. Oman 13, Gyrgyzystan 11 utuk bilen ýaryşy dowam eder.



«E» toparçada Eýran bilen Özbegistanyň ýygyndylarynyň 3-nji tapgyra çykandygy ozal belli bolupdy. 5-nji duşuşyklarda Eýran myhmançylykda Mehdi Tareminiň 2-si penaltiden het-trik eden duşuşygynda Gonkongy 4–2, Özbegistan öz meýdançasynda Türkmenistany 3–1 hasabynda ýeňipdi. 6-njy duşuşyklarda-da (Eýran – Özbegistan, Türkmenistan – Gonkong) hasap açylmady. «F» toparçada Indoneziýany 2–0, Wýetnamy-da 3–1 hasaplar bilen ýeňen Yragyň ýygyndysy 1-nji orny eýeledi. Filippinlerden 2–0 hasabynda üstün çykan Indoneziýa toparçada 2-nji orny eýeläp, Dünýä Kubogyna gatnaşmak ugrundaky ýoluny dowam eder. «G» toparçada 5-nji duşuşyklarda Saud Arabystany myhmançylykda Pakistany, Iordaniýa bolsa öz meýdançasynda Täjigistany 3–0 hasaplar bilen ýeňdi. 6-njy duşuşyklarda Iordaniýa myhmançylykda Saud Arabystanyny Olwan hem-de Al-Rawabdehiň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňip, toparçada 1-nji orny eýeledi. Deň utugy bolan Saud Arabystany 2-nji ýere mynasyp boldy. «H» toparçada myhmançylykda Nepaly 4–0 hasabynda ýeňen BAE-niň ýygyndysy öz meýdançasynda Bahreýn bilen deňme-deň oýnap, ilkinji utuklaryny ýitirdi. Toparçada BAE 16, Bahreýn 11 utuk toplap, 3-nji saýlama tapgyryna çykdylar. «I» toparçada Awstraliýanyň ýygyndysy hem gol geçirtmezden ähli duşuşygynda ýeňiş gazanyp, 1-nji orny eýeledi. Awstraliýaly futbolçylar 22 gol geçirip, olaryň ýaponlardan 2 goly az boldy. Awstraliýanyň ýygyndysy soňky 2 duşuşygynda ilki myhmançylykda Bangladeşi 2–0, öz meýdançasynda-da Palestinany 5–0 hasaplar bilen ýeňdi. 5-nji oýunlarda Liwan bilen golsuz deňme-deň oýnan Palestinanyň ýygyndysy toparçada 2-nji ýeri eýeledi. Liwanyň soňky tapgyrda Bangladeşi 4–0 ýeňmegi olara ýaryşy dowam etdirmek üçin ýeterlik bolmady.



***3-nji tapgyra çykan ýygyndylar:***

Katar, Kuweýt, Ýaponiýa, D. Koreýa, G. Koreýa, Hytaý, Oman, Gyrgyzystan, Eýran, Özbegistan, Yrak, Indoneziýa, Iordaniýa, S. Arabystany, BAE, Bahreýn, Awstraliýa, Palestina

# 123-nji «Fransiýa Açyk» tennis ýaryşy tamamlandy





**Tennis boýunça möwsümiň 2-nji «Uly tuwalga» ýaryşy bolan «Fransiýa Açykda» erkekleriň arasynda ispaniýaly Karlos Alkaras, zenanlardan polşaly Iga Şwentek ýeňiji boldy. 123-nji gezek geçirilen ýaryşda ýeňijilere 2,4 million ýewro pul baýragy gowşuryldy.**

### 3 ýaryşda çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi

● Erkekleriň arasyndaky finalda Karlos Alkaras bilen germaniýaly Aleksander Zwerew duşuşdy. Pariždäki 4 sagat 19 minutlap dowam eden duşuşygyň ýeňijisi 5 setde kesgitlendi. 1-nji setde Alkaras 6:3, 2-nji setde Zwerew 6:2 ýeňiş gazandy. 3-nji setde-de 7:5 üstün çykan Zwerew öňe saýlandy. Ýöne 4-5-nji setlerde Alkaras has erjel oýun görkezip, 6:1 we 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazandy we ilkinji «Rolan Garros» çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň 3-nji «Uly tuwalga» çempionlygy bolup («Amerika Açyk» — 2022, «Wimbledon» — 2023, «Fransiýa Açyk» — 2024), ol 3 dürli meýdançada (gaty, otly, toýunsow) çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Galyberse-de, ol 21 ýaş 35 gün bilen «Rolan Garrosda» soňky 17 ýylyň iň ýaş çempiony boldy. Ondan öň Nadal 2007-nji ýylda 21 ýaş 7 gün bilen iň ýaş çempion adyny eýeläpdi.

Soňky 28 ýylda «Rolan Garrosda» finala çykan ilkinji germaniýaly tennisçi bolan Zwerew «Uly tuwalgalardaky» 2-nji finalyndan hem eli boş gaýtdy. Ol 2020-nji ýylda «Amerika Açykda» ýeňlipdi.

### Zenanlaryň arasynda çempion üýtgemedi

● Zenanlaryň arasynda sanawyň 1-nji belgili tennisçisi Iga Şwentek bilen 12-nji basgançakdaky italiýaly Jasmin Paolininiň arasyndaky final duşuşygy 1 sagat 8 minutda tamamlandy. Erjel oýun görkezen polşaly Şwentek garşydaşyny 6:2 we 6:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň «Fransiýa Açykdaky» bassyr 3-nji, umumylykda-da 4-nji çempionlygydyr. Ol «Rolan Garrosda» yzly-yzyna 3 çempionlyk gazanan 3-nji zenan tennisçidir (Monika Seleş, Žýustin Enen). «Rolan Garrosda» 21 oýundan bäri ýeňilmän gelýän Şwentek awstraliýaly Kris Ewert (29), amerikaly Monika Seleş (25), fransiýaly Žýustin Enen (24) dagydan soň bu ugurda 4-nji ýerde barýar. Umumylykda 5-nji «Uly tuwalgasyny» gazanan («Fransiýa Açyk» — 2020, 2022, 2023, 2024, «Amerika Açyk» — 2022) Şwentek russiýaly Mariýa Şarapowa hem-de şweýsariýaly Martina Hingisden öňe geçdi.

«Rolan Garrosda» finala çykan 3-nji italiýaly zenan tennisçi adyny alan Paolini zenanlaryň arasyndaky jübütleýin ýaryşyň finalynda-da watandaşy Sara Errani ikisi amerikaly Koko Gauff hem-de çehiýaly Katerina Sinýakowa ikisinden asgyn geldi.

### Jokowiç Federeriň rekordyny täzeledi

● Ýaryşyň dowamynda çärýek finala çyksada, şikesi sebäpli ýaryşdan çekilen serbiýaly Nowak Jokowiç 2 rekordy täzeledi. Ol 1/8 finalda argentinaly Fransisko Çerunolony 3:2 hasabynda ýeňip, «Uly tuwalgalardaky» 370-nji duşuşygynda ýeňiş gazandy we 59-njy gezek çärýek finala çykdy. Jokowiç bu 2 görkeziji boýunça-da şweýsariýaly Rojer Federeriň rekordyny täzeledi. Jokowiçiň ýaryşdan çekilmeginden soň täze sanawda ýarym finalda Alkarasdan asgyn gelen italiýaly Ýannik Sinner birinji orna beýgeldi.






## Möwsümdäki 6-njy, karýerasyndaky 60-njy ýeňşi

**Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy bäsleşigi Kanadanyň Monreal şäherinde geçirildi. Žill Willnýow adyndaky trassada geçirilen 70 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 1 sagat 45 minut 47,927 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 6-njy, karýerasyndaky 60-njy ýeňşini baýram etdi.**

**Ýaryşda 2–3–4-nji orunlary britaniýaly pilotlar eýelediler. Ýeňijiden 3,879 sekunt yza galan «McLaren» toparynyň sürüjisi Lando Norris 2-nji, ilkinji hatardan başlan «Mercedes» toparynyň sürüjisi Jorj Rassell 3-nji, şeýle-de onuň topardaşy Lýuwis Hamilton 4-nji orna mynasyp boldy. «McLaren» toparynyň beýleki sürüjisi, awstraliýaly Oskar Piastriniň 5-nji bolan ýaryşynda «Aston Martin» toparynyň wekilleri – ispaniýaly Fernando Alonso bilen kanadaly Lans Stroll 6-7-nji ýerleri eýelediler.**

**«Ferrari» toparynyň sürüjileri Şarl Lekler bilen Karlos Saýns Junior, «Williams» toparynyň pilotlary Aleksander Albon bilen Logan Saržent hem-de «Red Bull» toparynyň sürüjisi Serhio Peres dürli sebäplere görä, ýaryşy tamamlap bilmediler.**

**Sürüjileriň sanawynda Maks Werstappen utugyny 194-e ýetirip, birinjiligini saklap gelýär. 2-nji ýerdäki Lekleriň 134, 3-nji orundaky Norrisiň 131 utugy bar. Möwsümiň 10-njy ýaryşy 23-nji iýunda Ispaniýanyň Montmelo şäherindäki Barselona-Katalunýa trassasynda geçiriler.**

GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

# Agzybirligiň we dost-doganlygyň baýramy

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar il-ulsumyz ýurdumyzda toýlanýan şanly seneleriň, baýramlaryň dabarasyny uludan tutýar. Munuň şeýledigini şatlyk-şowhuna beslenip bellenilýän Gurban baýramy aýdyňlygy bilen görkezýär. Ýakyn günlerde halkymyz Gurban baýramyny agzybirlikde, ruhubelentlikde bellär. Gurbanlyk bagtyýar halkyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar. Şeýle-de, Gurban baýramy adamlaryň ýüreginde birek-birege mähremlige, dost-doganlyga bolan duýgyny berkidýär.*

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, umumadamzat medeni ösüşinde aýratyn orny eýeleýän Gurban baýramy Gündogar halklary bilen birlikde türkmen halkynyň hem asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere dowam edip gelýän belent ahlak gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny, ynanç-adatlaryny özünde jemleýär, parahatçylygy, dostlugy we ynsanperwerligi dabaralandyrýar.

Yslam çeşmelerinde gurbanlyk bermek dessurynyň Adam atadan bäri berjaý edilip gelinýändigi barada aýdylýar. Bu baýramda öýke-kineli adamlar ýaraşyp, täze egin-eşikleri geýip, özüne öý-içerisine serenjam berýärler.

Gurbanlyk kesmek Gurban baýramynyň birinji güni Baýram namazy okalandan soň başlanyp, üçünji günüň agşamyna çenli dowam edýär. Gurbanlykda soýuljak mal sagdyn bolmalydyr.

Şol gün ir bilen ýurdumyzyň ähli ýerinde metjitlerde baýram namazy okalýar, öten-geçenler ýatlanylýar. Watandaşlarymyz janly soýup, milli



tagamlary taýýarlaýarlar we ýakynlaryna, dostlaryna hem-de tanyşlaryna hödür edýärler.

Belläp geçsek, Gurban baýramy yslam dünýäsinde iki sany esasy baýramyň biri bolup, ol beýleki bir möhüm baýram – Oraza baýramyndan 70 gün soňra bellenilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýörite Permany esasynda, şol baýramçylyk günleri Türkmenistanda iş günleri däl diýlip yglan edilýär.

Mukaddes Gurban baýramynyň öňüsyrasynda haj parzyny berjaý etmek üçin Türkmenistandan zyýaratçylaryň Mekgä we Medinä iberilmegi döwletimiziň ata-babalarymyzyň ynsanperwer ruhy-ahlak ýörelgelerine ygrarlydygyna aýdyň şaýatlyk edýär hem-de her bir millete, halka mahsus bolan gymmatlyklaryň we umumymilli mukaddeslikleriň berkarar bolmagyna we wagyz edilmegine ýardam berýär.

Gurban baýramynyň özboluşly aýratynlygy şol günler ýurdumyzyň oba-kentlerinde, şäher-çedir şäherlerinde aýdym-sazly dabaralar geçirilýär. Ähli ýerlerde gurnalan hiňňildikleriň daş-töweregi örän köp adamly bolup, olarda ýaşlar bat alyp uçýarlar, şatlanýarlar.

Toý meýdançalarynda medeniýet we sungat işgärleriniň, sahna ussatlarynyň baýramçylyk mynasybetli taýýarlan aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlanar. Şirin mukamlarda, hoş owazly aýdym-sazlarda, halk döredijilik çykyşlarynda ata Watanymyzyň, täze taryhy döwrümiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tutumly işleriniň, müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşdirilip gelinýän milli ýörelgelerimiziň we däplerimiziň, jebis we bagtyýar halkymyzyň buýsançly waspy eriş-argaç bolup geçýär.

**Arazbike SÖÝÜNOWA,**
*«Daşoguzpoçta» welaýat kärhanasynyň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

# «Awaza» - dynç alşyň mekany

*Hazaryň gözel kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň okgunly gülläp ösmegi, özgertmeleriň özboluşly nyşanyna öwrüldi. Bu syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, deňizýaka sebitinde hem syýahatçylygyň pajarlap ösmegine kuwwatly itergi berdi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna dynç almaga gelen her bir ynsanyň amatly dynç alşyny guramakda bu ýerde gurlup ulanylmaga berlen dürli ulgamlara niýetlenen binalaryň aýratyn ähmiýeti bar.*

Tomusky dynç alyş möwsüminiň başlanmagy bilen, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna gelýänleriň sany günsaýyn artýar. Çünki, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa, sapaly kenaryndaky meşhur syýahatçylyk zolagy bu gün dünýä jahankeşdeliginiň merjenine öwrüldi. Hazar deňziniň türkmen kenary arassalygy bilen özüne çekýär. Bu ýeriň ýoda baýlygy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Bu bolsa ynsan saglygy üçin örän peýdalydyr. Hazaryň altynsow çägesi, özboluşly howasy adam saglygyna oňyn täsir edýär.

Bu ýerde dünýä ülňülerine laýyk gelýän myhmanhanalaryň birnäçesi bar. Munuň özi döwrebap dynç almaga ähli şertleriň döredilendigini aýdyň beýan edýär. Myhmanhanalarda sport bilen meşgullanmaga, saglygyňy berkitmäge, howuzda ýüzmäge giň mümkinçilikler döredilen. Şonuň üçin hem ýörite sport meýdançalary göz öňünde tutulandyr.

Häzirki tomus paslynda şeýle ajaýyp myhmanhanalarda dynç almak, sport meýdançalarynda dürli sport oýunlary bilen meşgullanmak ruhuňy göterýär. Şeýle hem bejeriş otaglarynda, deňiz wannalarynda dynç



almak aýratyn ähmiýetlidir. Bu ajaýyp künjekde ähli amatlyklary bolan kottejler toplumynyň hem bardygyny bellemek gerek. Bularyň hemmesi dynç almaga gelýän ildeşlerimiz üçin ähli amatlyklaryň bardygyny görkezýär.

Syýahatçylyk möwsüminiň açylmagy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna barmak üçin ähli ulag infrastrukturalary taýýar edildi. Tomsuň ilkinji gününden başlap Aşgabat–Awaza–Aşgabat awtobus gatnawy ýola goýuldy. Şeýle hem Aşgabat şäheri we welaýatlar bilen Türkmenbaşy şäheriniň arasyndaky uçar gatnawlarynyň ýygylygy artdyryldy. «Türkmenistan» awiakompaniýasy açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti tarapyndan ýolagçylaryň artýan isleglerini kanagatlandyrmak üçin, Mary–Türkmenbaşy–Mary, Türkmenabat–Türkmenbaşy–Türkmenabat ugry boýunça goşmaça gatnawlar ýola goýuldy, Aşgabat–Türkmenbaşy–Aşgabat ugry boýunça hem ýerine ýetirilýän gatnawlaryň sany hepdede 16 gatnawa çenli artdyryldy. «Türkmendemirýollary» agentligi tarapyndan ýolagçylara ýokary hilli we medeniýetli hyzmat etmek üçin degişli işler geçirilýär.

Meýilnama esasynda, Awaza etrap häkimligi we tehniki gulluklar tarapyndan deňziň kenarynda serenjam beriş işleri geçirildi. Bu işler kenarýaka meýdançalary täzelemegi, täze dynç alyş ýerlerini gurmagy we dynç alýanlaryň howpsuzlygyny hem rahatlygyny üpjün etmek üçin infrastrukturany gowulandyrmagy öz içine aldy. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ajaýyp kenarlary we Hazar deňziniň arassa suwy bilen meşhurdyr. Bu ýere gelen myhmanlaryň her biri şypaly kenardaky dynç alyşdan başlap, özi üçin zerur bolan ähli mümkinçilikden peýdalanyp biler. Köp sanly restoranlar we kafeler myhmanlara dürli tagamlary hödürleýär, agşamky dynç alyş meýilnamalary bolsa baýramçylyk ruhuny döredýär.

**Kemal AKMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*


## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary mukaddes Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys! Gurban baýramy hormatyň, dostlugyň, ýaraşygyň, agzybirligiň, birek-birege hemaýat bermegiň, parahatçylygyň baýramydyr. Goý, ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny Siziň döwlet baştutanlygyňyzda bellemek hemmämize nesip etsin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze öwüşgine eýe bolan milli gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy mynasybetli Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde üstünlik, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris! Aýt-gurbanlygyňyz, etjek doga-dilegleriňiz kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna we paýtagtymyza wekilçilik edýän watandaşlarymyz tutuş dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, şu sahawatly günlerde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp bolan dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede bolýarlar. Zyýaratçylar yslam dünýäsinde mukaddes saýylýan keramatly Mekge-Medinä gidip, haj parzyny ýerine ýetirmäge zerur şertleriň döredilýändigi üçin Size tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan etdiler, däp-dessurlarymyza döwlet derejesinde üns berilýändigi üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýtdylar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Watandaşlarymyz haj parzyny berjaý edýän pursatlarynda Beýik Biribardan mähriban halkymyzyň bagtyýarlygyny, ata Watanymyzyň abadançylygyny, Siziň jan saglygyňyzy dileg edip, aýat-doga okarlar, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işlerde merdana halkymyza üstünlikleri arzuw ederler. Türkmen zyýaratçylarynyň doga-dilegleri Gudraty Güýçli Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AJAÝYP BINA

HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe many goýazylygyna has-da çümüp, täze röwüş, täze öwüşgin tapan gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy diýlende, agzybirlik, jebislik, göwnaçyklyk, gülerýüzlülik göz öňünde janlanýar. Uly-kiçi hemmäniň ýüregine, gursagyna joşgun, ynam we buýsanç salýan Gurban baýramy uludan bellenilýän toýlaryň biridir. Türkmen ili gurbanlyk günleri baýram edip, sadaka berip, il-ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda milli däp-dessurlarymyz uly goldawa eýe bolýar, döwrebap ösüşler bilen barha kämilleşýär hem-de halkymyzyň ruhubelentlik çeşmesiniň biri hökmünde durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän toý-baýramlara uzak-uzak ýyllar halkymyz bilen bilelikde guwanmak Size miýesser etsin!

Sizi we agzybir halkymyzy gudraty güýçli Beýik Biribar öz penasynda aman saklasyn! Aýt-gurbanlygyňyz, okajak doga-dilegleriňiz Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyzda mukaddes baýram bolan Gurban baýramynyň uly dabara bilen bellenilmegine taýýarlyk görülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe erkana ýaşaýan halkymyz Gurban baýramyny asuda asmanyň astynda belläp geçmäge ähli mümkinçilikleri döredýändigiňiz üçin Size çäksiz hoşallyk sözlerini aýdýarlar. Gurbanlyk günleri türkmen halky sadaka edip, il-ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

Ýurdumyzda müňýyllyklaryň dowamynda dinini, däp-dessurlaryny we dilini arassa saklap gelen merdana halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklary, asylly ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär hem-de baýlaşdyrylýar. Nesillerden-nesillere geçip gelýän mukaddes ynançlar we adatlar, sahawatlylyk, hoşniýetlilik, birek-birege sarpa goýmak ýaly ynsanperwer däpler ösdürilýär. Ýurdumyzda Gurban baýramynyň döwlet derejesinde agzybirlikde bellenilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyza, belent umumadamzat gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýandygyny aýdyň tassyklaýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy ulus-ili bir saçagyň, bir ojagyň, päk niýetiň başynda jemleýän baýram. Gurbanlyk berilýän öýde adamlaryň jem bolup, nahar-şor taýýarlamaklary, ýaşulularyň kethudalyk hyzmatynda gaýym durmagy ýürekdeşligiň, arkadaşlygyň, agzybirligiň nyşanlarydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişligindäki abraýy barha ýokarlanýar we pugtalanýar. Gurban baýramy halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýeren edermen pederlerimizden miras galan milli ruhy gymmatlyklara we ýagşy dessurlara üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, umumadamzat bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bolsa bagtyýarlyk hem-de abadançylyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi belent ynsanperwerlik gymmatlyklaryny we egsilmez ruhy baýlygy özünde jemleýän mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýürekdeşlige, dost-doganlyga hem-de hoşniýetlilige ýugrulan Gurban baýramy watansöýüji, adalatly, sabyr-kanagatly, sahawatly bolmak baradaky müdimi ýörelgeleri özünde jemleýär. Bütin durky bilen halallyga, arassa ahlaklylyga uýan ata-babalarymyz ynsanperwerligi, dost-doganlygy we dogruçyllygy, hoşniýetliligi we ýagşylyk etmegi durmuş kadasyna öwrüpdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu kadalar her bir maşgalanyň asudalygynyň we abadançylygynyň, tutuş jemgyýetimiziň agzybirliginiň hem-de bitewüliginiň girewi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Türkmen halkynyň bagtyýarlygyny, ýurdumyzyň abadançylygyny Beýik Biribardan dileg edýäris! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ägirt uly özgertmelerini durmuşa geçirmekde türkmen halkyna üstünlik arzuw edýäris! Goý, berjek sadakalaryňyz, okajak doga-dilegleriňiz Beýik Allanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Agzybir ilimiziň toý-baýramlaryna halkymyz bilen uzak-uzak ýyllar bilelikde guwanmak Size nesip etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes baýramçylyk – Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy uly ruhubelentlik, güýç-gaýrat, päklik bilen ýaşamagy aňladýar. Indiki ýyllarda-da Siziň baştutanlygyňyzda agzybirlik bilen Gurban baýramyny bellemek her birimize miýesser etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GURBAN BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI,
TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Siziň Alyhezretiňiz!**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmen halkyny Gurban baýramy bilen gutlaýarys! Size türkmen halkynyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ,
ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Ваше Превосходительство!**

Компания «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» поздравляет Вас и весь туркменский народ с праздником Курбан байрам! Желаем Вам успешной работы в деле повышения благосостояния туркменского народа и укрепления авторитета Туркменистана на международной арене, а народу Туркменистана счастья и благополучия.

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании
«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
в Туркменистане.**

IKCO

## IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Türkmenistanyň gülläp ösmegini, türkmen halkynyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny arzuw edýäris!

**Hormatly Prezident!** Iki ýurduň arasyndaky köpugurly gatnaşyklary yzygiderli ösdürmäge we pugtalandyrmaga uly üns berilýär. Eýran Yslam Respublikasynda we Türkmenistanda her ýyl Gurban baýramy dabaralanyp, agzybirlikde, ruhubelentlikde, şatlyk-şagalaňda, rysgal-bereketde bellenilýär. Ol bagtyýar halkyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar. Medeni ýazuw gymmatlyklarynda Gurban baýramy hakynda örän köp maglumata duşmak bolýar.

**Hormatly Prezident!** Soňky ýyllarda iki goňşy ýurduň arasyndaky gatnaşyklar hemmetaraplaýyn ösdürilip, täze many-mazmun bilen üsti ýetirilýär. Ähli musulman halklary bilen bilelikde agzybirlikde ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny bellemek türkmen halkyna nesip etsin! Gurban baýramy mynasybetli türkmen halkynyň ýagty ertirleriniň hatyrasyna alyp barýan il-ýurt bähbitli döwlet işleriňizde rowaçlyk, türkmen halkyna bolsa eşretli durmuş arzuw edýäris! Türkmen halkynyň bagtyýar durmuşynyň berkidilmegi, ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan Türkmenistanyň her gününiň şanly wakalara, zähmet ýeňişlerine beslenmegi ugrunda alada edýän **hormatly Prezident** – Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»
Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас и весь дружественный народ Туркменистана со светлым праздником Курбан байрамы.

Благословенный Курбан байрамы, испокон веков символизируя такие высокие ценности ислама, как гуманизм и толерантность, единство и взаимопонимание, благотворительность и обоюдную поддержку, занимает особое место в духовной сокровищнице мусульманского мира.

Курбан байрамы – наивысшее выражение дружбы, сплочённости и взаимоуважения. Этот древний праздник прививает и развивает в людях духовность, веру, уважение к общественным устоям, нравственность и справедливость.

Проводя внешнюю политику на принципах мира и дружбы, гуманизма и развития, Вы планомерно наращиваете сотрудничество с международными и региональными организациями. Ваша внутренняя и внешняя политика, направленная на созидание и прогресс, великая деятельность государственного и общечеловеческого значения нацелены на дальнейшее гармоничное развитие Туркменистана и повышение её авторитета в мире.

Сегодня благодаря самоотверженному труду туркменского народа, в Туркменистане претворяются в жизнь масштабные реформы во всех отраслях национальной экономики. Строя новые сёла и посёлки, современные промышленные комплексы, планомерно укрепляется позиция Туркменистана на мировой арене.

Ещё раз сердечно поздравляем Вас с Курбан байрамы!

Желаем Вам крепкого здоровья, долголетия, счастливой жизни и семейного благополучия!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,
Генеральный директор филиала
Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации
«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

Balgaýmak

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän mukaddes Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uzak ömür, berk jan saglyk, halkyň röwşen geljeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikler dileýäris! Türkmenistanyň mähriban halkyna abadançylyk we rowaçlyk, agzybirlik we jebislik, şatlyk we bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**Abuna – 2024**

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

**«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.**

**Gazete ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!**

